***2025-nji ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde Ylymlar güni mynasybetli ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi.***

Bu bäsleşik Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi bilen bilelikde guralýar. Oňa ylmy-barlag institutlarynyň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we önümçilik kärhanalarynyň işgärleri, ýokary hem-de orta hünär okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary, ylmy işler bilen meşgullanýan dürli hünärdäki ýaşlar gatnaşýarlar.



Ylmy bäsleşige şu ýyl ýaşlaryň 1 müň 665-si gatnaşdy. Ýaş alymlar nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika; biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika; maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary; häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary; innowasion ykdysadyýet; ynsanperwer ylymlar ýaly 6 ugur boýunça ylmy işlerini hödürlediler. Bäsleşigiň emin agzalary hödürlenen işleri seljerip, jemi 118 sany ýaş alymy ýeňiji diýip yglan etdiler.

Bäsleşigiň ýeňijilerine hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar we şaha-

Все права защищены

datnamalar gowşuryldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены
save pdf date >>> 27.01.2026